**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna**
на 1 февраля 2026 года
as of February 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

**BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
3

## SELJERIŞ MAKALALARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**SANLY YKDYSADYÝET ÖSÜŞLERE BADALGA**
4

**BANK ULGAMYNDA KIBERHOWPSUZLYK**
6

**SANLY BANK HYZMATY - DÖWRÜŇ TALABY**
9

**BANK IŞINDE BLOKÇEÝN TEHNOLOGIÝASYNY ULANMAK**
11

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
14

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
16

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň ýanwar aýynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2026-njy ýylyň 12-16-njy ýanwary aralygynda «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde banklaryň şahamçalarynyň dolandyryjylary we dolandyryjylarynyň orunbasarlary, baş buhgalterleri we bölüm müdirleri, auditor gulluklarynyň hünärmenleri üçin «Bank auditi» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda banklarda içerki gözegçilik we içerki auditiň guralyşy, zähmet şertnamasy we ony baglaşmagyň tertibi, zähmet şertnamasyny bes etmegiň umumy esaslary, banklarda auditorlyk işiniň alnyp barlyşy, karz edaralarynda bank gözegçiligi barlaglarynyň guralyşy, bankyň çykdajylarynyň auditi, maglumat ulgamynyň auditi, karz we kassa amallarynyň auditi, buhgalter amallaryna soňraky gözegçilik, aragatnaşyk hasabynyň içerki bank gözegçiligi barada giňişleýin gürrüň berildi.

2026-njy ýylyň 19-23-nji ýanwary aralygynda Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen banklaryň ýaş hünärmenleri üçin «Bank işi» atly okuw maslahatynda bank işiniň kadalaşdyrylyşy, karz gatnaşyklary we karz şertnamasy, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde bank ulgamynyň orny, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň tölege ukyplylygynyň alamatlaryny kesgitlemegiň we olary çalyşmagy tertibi, bankyň aktiw we passiw amallary, banklarda zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditi ýaly çykyşlar diňlenildi. Karz registri we onuň ähmiýeti, halkara amallaryň töleg balansynda hasaba alnyşy, ýurdumyzda köpdürli eýeçiligi ösdürmekde bank ulgamynyň ähmiýeti ýaly ugurlarda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2026-njy ýylyň 26-30-njy ýanwary aralygynda banklaryň Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş bölümleriniň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank işleriniň awtomatizasiýalaşdyrylmagy» atly okuw maslahatynda awtomatlaşdyrlan bank ulgamlary, kompýuterde programmirlemegiň esaslary, çylgym ulgamynyň gurnalyşy we sazlanylyşy, çylgym ulgamyna degişli düzgünnamalar we olardan gelip çykýan netijeler, çylgym ulgamynda maglumat howpsuzlygy, çylgym ulgamynda esasy ýüze çykýan meseleler we olaryň çözülişi, çylgym ulgama degişli Düzgünnamalar we olardan gelip çykýan netijeler barada giňişleýin gürrüň berildi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-e golaý wekili gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SANLY YKDYSADYÝET ÖSÜŞLERE BADALGA

Internetiň durmuşymyza güýçli depginde aralaşmagy bilen ähli ulgamlar bilen bir hatarda maliýe ulgamynda hem täzeçe garaýyşlaryň döremegine itergi berdi. Bu bolsa töleg ulgamynda hem täzeçil pikirleriň ýüze çykmagyna sebäp boldy. Ykdysady gatnaşyklarda hasaplaşyklaryň tiz we kompýuteriň üsti bilen uzak aralykdan amala aşyrylmagyna uly gyzyklanma döredi.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda internetiň güýçli ösüp başlamagy pullaryň düýp manysyna, onuň görnüşine we maksadyna täzeçe garamaga mejbur etdi. «Kompýuterden daşlaşman satyn almak» düşünjesi harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny uzak aralykdan tölemegiň ýönekeý we amatly usulyny talap etdi. 1993-nji ýylda «Digi-Cash» sanly pul ilkinji gezek dolanyşyga girizildi. Olar «akylly kart» tehnologiýasyna – hasapdaky pul mukdary barada maglumat ýazylan kompýuter çipli bank kartlara esaslandy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz döwet galamyndan dörän ilkinji eseri «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» kitabynda: «Biziň ýaşaýan häzirki döwrümiz – tehnologiýalaryň, sanly ulgamlaryň durmuşyň ähli ugurlaryna barha giňden aralaşýan döwri. Döwür ösýär, şol bir wagtda, adamzat jemgyýetinde dürli üýtgeşmeler, özgerişlikler bolup geçýär. Munuň özi ýaşlardan hünär taýýarlygy babatda edilýän talaplary hem düýpli özgerdýär, olaryň saýlap alan hünärleri boýunça alyp barýan işlerine täzeçe çemeleşmeklerini talap edýär» diýip bellemek bilen, täzeçil tehnologiýalaryň durmuşymyza çuňňur we giňden aralaşmagy bilen jemgyýetiň täze keşbe – sanly dünýä girýändigini nygtap geçýär.

Soňky ýyllarda ýurduň içinde nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin durnuklylygy we şertleriň ösdürilmegini üpjün etmek, global maliýe gatnaşyklaryna doly goşulyşmagy gazanmak üçin Türkmenistanda uzak möhletli maksatnamalarda ykdysady syýasatyň esasy wezipeleri çaklanylýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» geljegi nazarlaýan özgerişlikleriň biri hem maliýe-bank ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň ulgamyny kämilleşdirmek we elektron resminamalar dolanyşygyny doly ýola goýmak bolup durýar. Şu ugurda internet-bank, mobil-bank hyzmatlaryny ösdürmäge gönükdirilen möhüm çäreler hem durmuşa geçirilýär. Şeýle hem, häzirki wagtda nagt däl hasaplaşyklaryň döwrebap ösen görnüşi bolan «QR-kod» ulgamynyň dünýäde geriminiň giňelýändigini göz öňünde tutup, milli Maksatnamada bu ulgamy ösdürmek hem göz öňünde tutulýar.

Nagt puluň paýy köp bolan ýurtlarda QR-kod ulgamy esasy töleg usullarynyň birine öwrüldi. Sebäbi, aralykdaky nagt däl pul dolanyşygyna geçiş döwründe hyzmat eden bankomatlar we ter-





minallar üçin çykdajylar ýitýär. Şeýle ýurtlar dünýä ykdysadyýetiniň 10 göteriminden gowragyny eýeleýär. QR-kod arkaly tölegler uly möçberli maýa goýumlaryny talap etmeýär. Töleg tölenen wagtynda töleg terminalynyň hem zerurlygy ýok: ony ykjam telefon ýa-da kagyz ýüzünde çap edilen QR-kod bilen çalşyp bolýar. Bankomat ýa-da terminal üçin döwlet aýratyn maliýe serişdesini harçlamaýar, raýatlaryň özi tölegleri amala aşyrmak üçin araçy serişde bolan ykjam telefonlaryny öz isleglerine görä täzeläp durýar. Bu tehnologiýa Hytaý, Indoneziýa, Malaýziýa ýaly ýurtlarda has giňden ulanylýar.

Hytaýda täze innowasion çemeleşme bir ýerde duranok. Hytaý täze tehnologiýalary işjeň durmuşa geçirýär. Hytaýyň Alibaba internet giganty we bu ýurtda ýerleşýän KFC (Kentucky Fried Chicken – «Kentukkiden gowrulan towuk» - halkara restoranlar ulgamy) ýüz tanamak tehnologiýasyny ulanyp töleg ulgamyny işe girizdiler. Ýüzüňiz bilen iýmit üçin töläp boljak ilkinji KFC restorany Hytaýyň Hançžou şäherindäki dynç alyş toplumlarynyň birinde ýerleşýär.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda goýumlaryň döwrebap usullaryny ornaşdyrmagyň hasabyna ilatyň erkin pul serişdelerini bank ulgamyna çekmek, goýum hasaplaryndaky serişdeleriň möçberini artdyrmak, olar boýunça tölenýän göterimlerini maliýe bazarynda hereket edýän nyrhlara laýyklykda bellemek, müşderileriň isleglerini öwrenmek bilen, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça degişli işleri alyp barmak – «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynyň» ileri tutýan ugurlarynyň biridir.

Ýurdumyzda Hytaýyň tejribesini öwrenip QR-kod arkaly elektron töleg ulgamyna tapgyrlaýyn geçmegiň birnäçe döwlet çykdajylarynyň kemelmegine, ilatyň wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini bank ulgamyna çekmäge oňaýly şert döreder.

Ýurdumyzy we bagtyýar halkymyzy ýagty ýollar bilen aýdyň geljege alyp barýan Milli Liderimiziň ynsanperwer başlangyçlaryny paýhasly dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynyň netijesinde eziz Diýarymyz mundan beýläk-de üstünliklere beslensin!

**Erkinmuhammet SARYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Bank gözegçiligi müdirliginiň
Barlag we täjirçilik banklaryna
gözegçilik bölüminiň baş hünärmeni






# BANK ULGAMYNDA KIBERHOWPSUZLYK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň saýasynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda sanly ulgamy ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem, sanly ulgamy ornaşdyrmak hem-de halkymyza bu ulgam arkaly bank hyzmatlaryny hödürlemek işleri giňden alnyp barylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady ösüş strategiýasynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bank ulgamynda elektron hyzmatlaryň giňden ulanylmagy, müşderilere uzak aralykdan hyzmat etmek mümkinçilikleriniň döredilmegi maliýe hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrýar hem-de döwrebap ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine ýardam berýär. Bank ulgamy döwlet ykdysadyýetiniň möhüm bölegi bolup, onuň ygtybarly işlemegi kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Karz edaralary müşderileriň şahsy maglumatlaryny, maliýe serişdeleriniň hereketini, hasaplaryň ýagdaýy baradaky maglumatlary saklaýarlar. Bu maglumatlaryň goralmagy diňe bir banklaryň däl, eýsem tutuş ykdysady ulgamyň durnuklylygyny üpjün edýär.

Döwlet edaralaryndan başlap, hususy kärhanalara çenli, ähli guramalar üçin kiberhowpsuzlyk örän wajypdyr. Bank we maliýe, bilim saglygy goraýyş ulgamlarynda we beýleki ugurlarda maglumatlaryň goragy jemgyýetiň durnuklylygyny we raýatlaryň ynamyny üpjün edýär. Şahsy ulanyjylar üçin hem öz maglumatlarynyň howpsuzlygyny goramak, şahsy azatlyklarynyň we gizlinliginiň kepili bolup durýar. Häzirki wagtda halkara global internetiň ösüşi bilen bir wagtda kiberhowplaryň, kiberhüjümleriň we kiberhadysalaryň görnüşleri çalt üýtgeýär hem-de çylşyrymlylygy ýokarlanýar.

Kiberhowpsuzlyk häzirki zamanda diňe bir tehniki mesele bolman, eýsem jemgyýetçilik, ykdysady we syýasy ähmiýete eýe bolan möhüm ulgamdyr. Her bir şahsyň, guramanyň we döwletiň bu ugurda degişli çäreleri görmegi, maglumatlaryň we ulgamlaryň goraglylygyny üpjün etmegi örän wajypdyr. Sanly giňişlikde howpsuzlygy üpjün etmek üçin jemgyýet bolup hereket etmek zerur bolup durýar. Kiberhowpsuzlyk maglumat ulgamlaryny, müşderileriň şahsy maglumatlaryny we maliýe amallaryny rugsatsyz girişden, kiberhüjümlerden we gizlin maglumatlaryň syzdyrylmagyndan goramaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreler toplumy hökmünde kesgitlenýär. Türkmenistanyň degişli döwlet edaralary tarapyndan maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar işlenip taýýarlanylýar.

«Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we degişli hukuk namalary bank ulgamynda elektron resminama dolanyşygyny, maliýe maglumatlaryny we kiberözbaşdaklygy goramagyň esaslaryny kesgitleýär. Bu ugurda kabul edilen «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň uly ähmiýeti bardyr.





Bank ulgamynda kiberhowpsuzlyk-pul serişdelerini we müşderi maglumatlaryny sanly hüjümlerden goramak üçin örän wajyp çäreler toplumydyr. Ol maglumatlaryň gizlinligini, bitewiligini we elýeterliligini üpjün edip kiberhüjümlere garşy durmagy, merkezleşdirilen gözegçiligi we yzygiderli audit geçirmegi öz içine alýar. Bu ulgam sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň we raýatlaryň ynamyny saklamagyň binýady bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň işini düzgünleşdirýär we ol kiberhowpsuzlygy üpjün etmekde esasy institut hökmünde çykyş edýär. 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Merkezi banky karz edaralary üçin maglumat we kiberhowpsuzlyk talaplaryny tassyklady. Bank ulgamynda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Merkezi banky karz edaralaryna bikanun girişi anyklaýyş ulgamlaryny ornaşdyrmagy we dowamly auditleri geçirmegi, şol sanda işgärleriň hünär taýýarlygyny barlap durmagy talap edýär. Bu talaplara laýyklykda banklar möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektlerini anyklamagy, howplary bahalandyrmagy we olary goramagy üpjün etmegi amala aşyrmaly.

Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoraga hem-de maglumat howpsuzlygyna bildirilýän talaplar:

- kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamyny guramaga bildirilýän talaplar;
- kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň hukuk çärelerini üpjün etmek boýunça talaplar;
- kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň guramaçylyk çärelerini üpjün etmek boýunça talaplar;
- fiziki elýeterlikden gorag boýunça talaplar;
- tor howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça talaplar.

Ýaňy ýakynda Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy kabul edildi. Kiberhowpsuzlyk babatynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary yzygiderli kämilleşdirilýär. Kiberhowpsuzlyk boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde kiberhowpsuzlyk hünärleri açyldy. Kiberhowpsuzlyk babatynda ylmy-barlag merkezlerini döretmek boýunça işler alnyp barylýar. Kiberhowpsuzlyk ugry boýunça standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak işlerini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak boýunça işler amala aşyrylyp, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň Kiberhowpsuzlyk boýunça sertifikatlaşdyryş bölümi degişli programma üpjünçilikleri we tehniki serişdeler bilen üpjün edildi. Kiberhowpsuzlyk ugurda işleri güýçlendirmek maksady bilen, edara-kärhanalarda işleýän hünärmenler üçin «Türkmenistanyň işçileriniň hünärleriniň we gullukçylarynyň wezipeleriniň döwlet klassifikatoryna» bäş sany, ýagny «Pentester», «Kiberhowpsuzlyk boýunça hünär-






men», «Kiberhowpsuzlyk ulgamlarynyň auditory», «Kiberhowpsuzlyk ulgamlarynyň inženeri», «Analitik (seljeriji)» wezipe birlikleri girizildi.

Bank ulgamynda ulanylýan sanly tehnologiýalaryň döredýän amatlyklary, müşderiler bilen has ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge we olaryň isleglerine has takyk düşünmäge mümkinçilik berýän, häzirki zaman ugurlary peýdalanmagyň hasabyna bank telekeçiligini giňeltmäge ýardam berýän sebäpleriň biridir. Karz edaralarynda maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, köp derejeli gorag ulgamlary ornaşdyrylýar. Olar tor derejesinde, programma üpjünçiligi derejesinde we ulanyjy derejesinde işleýär. Karz edaralary halkara tejribä laýyklykda howpsuzlyk çärelerini durmuşa geçirýärler. Kiberhowpsuzlyk, Türkmenistanyň bank ulgamynyň durnukly we ygtybarly işlemegini üpjün edýän esasy ugurlaryň biridir. Bank ulgamynda kiberhowpsuzlygyň ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna we sanly ykdysadyýetiň üstünlikli ösdürilmegine möhüm goşant goşýar.

Halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli beýik işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Altynaý WELBERDIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Kibergorag merkeziniň Barlag we usulyýet
bölüminiň baş hünärmeni

# SANLY BANK HYZMATY - DÖWRÜŇ TALABY

2026-njy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen ýylda ösüşiň täze belentliklerine tarap okgunly öňe barýan ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň bank ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bank işiniň işjeň sanlylaşmagy menzilara bank düşünjesiniň döremegine we ýaýramagyna getirdi. Sanly hyzmatlar müşderilere, olaryň ýerleşýän ýerine garamazdan, uzak aralykdan köp kanally ulgamlar, şol sanda bankomatlaryň, internete birikdirilen kompýuterleriň, ykjam telefonlaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Şeýle görnüşdäki bank hyzmatlary müşderileriň wagtlaryny we serişdelerini tygşytlaýar, hasaplaşyklary çaltlandyrýar.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky hem öz işinde sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen baglanyşykly ýörelgelere uly üns berýär. Döwrüň talaplaryndan ugur alyp, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, sanly ulgamda «Elektron söwda», «Internet-bank», «Mobil-bank», «Sanly karz» hyzmatlary ýaly häzirki döwrüň dünýä tejribesine laýyk gelýän mümkinçilikler girizildi. Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy mümkinçiligi döredildi.

Bankyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» ykjam goşundyny müşderiler öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmäge, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatik görnüşde kesgitlemäge amatly mümkinçilik döredýär. «Sanly karz» ykjam goşundynyň esasy aýratynlyklarynyň biri müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň we aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kart maglumatlarynyň hem-de karz taryhynyň awtomatik usulda barlanylýandygyndan ybaratdyr. Ýagny karz alyjy tarapyndan banka hiç hili resminama tabşyrmak zerurlygy ýok. Şol sebäpli raýatlarymyz sarp ediş maksatlary üçin isleg bildiren karz serişdelerini almak üçin banka diňe bir gezek gelmegi ýeterlik bolýar.

Munuň özi raýatlaryň wagtynyň tygşytlanmagy we amatlylyk taýdan örän ähmiýetlidir. Häzirki wagtda bu hyzmatyň mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde raýatlarymyzyň nagt däl hasaplaşyklaryň amatlyklaryndan peýdalanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Sanly ulgamda «Internet-bank»,





«Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Sanly kart», «Sanly karz» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Bank tarapyndan halka edilýän hyzmatlaryň göwrümini giňeltmek maksady bilen «Maşgala» bank karty hyzmatyny müşderilere hödürläp, olaryň «Altyn asyr» bank kart hasabyna birikdirmekdir we kart eýesi bilen bilelikde maşgala agzalaryňyzyň şol bir wagtda peýdalanmagydyr, kart eýeleri bank edarasyna barmazdan «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň birikdirilmegi bilen, internet toruna birikdirilen ähli kompýuter, telefon ýa-da planşetiň üsti bilen, bank kartdaky pul serişdeleriň galyndysyny, karz we karzyň göterimini tölemek, öý we öýjükli telefon, IP telewideniýäniň we internetiň hasabyny doldurmak ýaly amallary amala aşyryp bilýärler.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda durmuşa geçirilýän bu işleriň ähli̇si banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

**Kakageldi BEKDURDYÝEW,**
Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe hasabatlary we ylmy-önümçilik bölüminiň müdiri



# BANK IŞINDE BLOKÇEÝN TEHNOLOGIÝASYNY ULANMAK

2026-njy ýylyň ýanwar aýynda Hormatly Prezidentimiziň tassyklamagy bilen kabul edilen «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ýurdumyzyň bank ulgamynyň ösmeginde täze döwrüň başlangyjyny ýola goýdy. Bu Konsepsiýa laýyklykda ýurdumyzda maliýe tehnologiýalaryny ösdürmek, bank ulgamyna döwrebap maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny ornaşdyrmak ugrunda degişli işleri geçirmek göz öňünde tutulan. Şunuň bilen baglylykda, Konsepsiýadan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň, «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň maddy-tehniki binýadyny has-da kämilleşdirmek boýunça degişli teklipler kabul edildi.

Blokçeýn tehnologiýasy banklaryň özara baglanyşygyna bolan zerurlygyny aradan aýyrýar we halkara amallaryň çalt amala aşyrylmagyna mümkinçilik berýär. Şol sebäpli hem blokçeýn tehnologiýasynyň bank amallarynda ulanylmagy halkara amallaryň çykdajylaryny däp bolan ulgamlara garanyňda 96% -e çenli azaltmaga mümkinçilik berýär. Olardan başga-da karz beriji banklaryň arasyndaky gatnaşyklary ýeňilleşdirýär we resminamalary tassyklamak üçin gerek bolan wagty azaldýar. Karz bermekde we söwda maliýeleşdirmesinde akylly şertnamalary düzmäge, müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan maglumatlaryň birleşdirilen merkezleşdirilmedik reýestrlerini döretmäge, şahsyýetiň maglumatlarynyň galplygynyň öňüni almaga, aktiwleriň tökenleşdirilmegine (sanly ulgamda hasaba alynmagy) we iri maýa goýum banklarynda dolandyryşy bir standartda alyp barmaga mümkinçilik berýär.

Blokçeýn näme? Blokçeýn - bu maglumatlary hiç hili (bank ýa-da döwlet tarapyndan), merkezi dolandyryjysyz diňe matematiki hasaplamalaryň netijesinde kriptografiki gorag arkaly saklaýan we ýaýradýan usula aýdylýar.

Ony ýönekeý dilde şeýle düşündirip bolar: Blokçeýn - bu her bir şahsda nusgasy bolan we hiç kim tarapyndan üýtgedilip bilinmeýän sanly depderçedir.

Blokçeýn üç sany esasy elementden ybarat, ýagny:

1. Blok (block) - bu maglumatlaryň toplumy (meselem, pul geçirmeleri barada).

2. Heş (hash) - bu her bloguň özboluşly «yzy». Ol blokdaky ähli maglumatlaryň matematik netijesidir.

3. Zynjyr (chain) - bu her täze blok özünde öňki bloguň heşini saklaýar. Şeýlelikde, olar biri-birine matematiki baglylykda zynjyr ýaly birleşdirilip bir doly manyly maglumaty emele getirýärler.

Blokçeýniň özeninde kriptografiki heş funksiýasy ýatyp, ol Alan Tuýringiň kriptografiýa baradaky işleriniň dowamy hasaplanylýar. Onda maglumatlaryň toplumy (x) belli bir funksiýa (f(x)) bilen hasaplanylyp, onuň netijesi boýunça kriptografiki açar düzülýär. Şol sebäpli hem, eger Siz x maglumatynyň içinde bir nokady üýtgetseňiz, $y = f(x)$ (netije) bütinleý üýtgär. Bu bolsa maglumatlaryň ogurlanmagynyň ýa-da üýtgedilmeginiň öňüni alýan esasy usuldyr.

Adatça onlaýn pul hasaplamalary geçirilende akylly şertnamalary we merkezleşdirilmedik programmalary (dApps) döretmek we işletmek üçin Ethereum tehnologiýasy ulanylýar. Bu tehnologiýada maglumatlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen ulanylýan açyk «açaryň» alamatlaryny hasaplamakda y2 = x3 + ax +b; (y2 = x3 +7) formula ulanylýar. Sanly walýuta hasaplanylýan bitkoýnden (iňlisçe – Bitcoin) tapawutlylykda, Ethereum global paýlanan kompýuter hökmünde işläp, çylşyrymly gatnaşyk şertlerini programmirlemäge mümkinçilik berýär.

Blokçeýnde bu formula diňe bir matematik deňleme däl-de, eýsem bütin ulgamyň «howpsuzlyk

binýadydyr». Ýokarda mysal getirilen elliptik egrileriň kriptografiýada ulanylmagyny, onuň asimmetrik kriptografiýa «gulpuny» we «açaryny» döredýänligi bilen düşündirmek bolar.

Adaty kriptografiýada bir «gulp» üçin diňe bir «açar» ulanylýar (simmetriki şifrleme). Ýöne blokçeýnde hemmeleriň görüp biljek açyk «açary» (Public Key) we diňe Siziň bilmeli şahsy «açaryňyz» (Private Key) bolmaly.

Şahsy «açar» - bu matematik formulanyň egri çyzygynyň üstünde dörän, tötänleýin bir san (x).

Açyk «açar» - bu şol sandan emele gelen koordinata nokady (y).

Bu egri çyzygyň iň möhüm hyzmaty - tranzaksiýalara «gol çekmekdir», ýagny, Siz birine elektron pul ugratsaňyz, toruň beýleki agzalaryna «bu pul hakykatdan hem meniňki, ine subutnamasy» diýmegiňizi aňladýar.

Siziň şahsy maglumatlaryňyz bilen berkidilip iberilýän pul möçberinden hasaplanylan kriptografiki açar – maglumat howpsuzlygynda iň ygtybarly usullaryň biri hasaplanylýar.

Goý «A» müşderi bilen «B» müşderiniň arasynda pul geçirmek amalyny (tranzaksiýa amalyny) ýerine ýetirmek gerek bolsun. Bu amallarda blokçeýn tehnologiýasynyň ornuny şu aşakdaky suratda has aýdyň düşündirmek bolar (gyzyl reňkde bellenen harplar bilen blokçeýn tehnologiýasynyň ýerine ýetirýän amallary düşündirilýär).




Surat 1. Blokçeýn tehnologiýasyny ulanmak arkaly «A» müşderi bilen «B» müşderiniň arasynda tranzaksiýa amalynyň ýerine ýetirilişi.

Suratdan görnüşi ýaly, blokçeýn tehnologiýasynda ýerine ýetirilýän her bir amaly maglumatlaryň howpsuzlygyny barlamak arkaly ýerine ýetirilýär.

Bu bolsa tranzaksiýanyň dowamynda maglumatlaryň howpsuzlygyna hakerler tarapyndan zeper ýetirmegini düýpli aradan aýryp, pul serişdesiniň müşderä ýetirilmegini üpjün edýär.

Ýokarda getirilen mysallardan görnüşi ýaly, blokçeýniň tehnologiýasynyň bank amallarynda maglumat howpsuzlygyny ýokarlandyrmakda ýerine ýetirýän işleriniň esasynda degişli matematik hasaplamalar ýatyr. Olara mysal hökmünde ýene-de «A» müşderi bilen «B» müşderiniň arasynda amala aşyrylýan tranzaksiýa seredeliň. Onlaýn pul geçirme işlerine (tranzaksiýa) mahsus bolan netijeliligi, howpsuzlygy we hüjüme garşylygy döretmek üçin sanly gol çekiş algoritminde (ECDSA - Elliptic Curve Digital Signature Algorithm – sanly gollary döretmek we barlamak algoritmi) ýokarda agzalyp geçilen y2 = x3 + ax +b elliptik egrisi (oňa başgaça secp256k1 egrisi hem diýilýär) ulanýar. NIST (National Institute of Standards and Techno-

logy - Milli Standartlar we Tehnologiýa Instituty (ABŞ)) standart egrilerinden tapawutlylykda, secp256k1 egrisi gizlin gowşaklyklary aradan aýryp, has çalt hasaplamaga mümkinçilik berýär we merkezleşdirilmedik ulgam üçin möhüm bolan ýokary kriptografik goragy üpjün edýär.

Blokçeýn tehnologiýasynda, esasan, secp256k1egrisiniň saýlanylmagynyň esasy sebäpleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

Howpsuzlyk we açyklyk: NIST egrilerinde (meselem, P-256) açyk alamatlar saýlanyp ulanylýanlygy sebäpli, olaryň gizlinliginde şübhelik döräp başlady, oňa garamazdan secp256k1-iň alamatlary bolsa müşderä degişli üýtgedip bolmajak alamatlary saýlamaga mümkinçilik döretdi.

Öndürijilik: Bu egri 128 bit-lik simmetrik açar bilen deňeşdirip boljak howpsuzlyk derejesini saklap, ulgamyň hasaplamalary üçin möhüm bolan örän çalt gol çekiş hasaplamasyny üpjün edýär.

Netijelilik: Kriptowalýutalarda ulanylýan köp beýleki egrilerden has çalt hasaplamalary üpjün edýär.

Bu saýlaw bank amallarynda ygtybarly ulgam howpsuzlygyny we geleşikleriň hakykylygyny üpjün edýär. Şol sebäpli hem y2 = x3 + ax +b egrini (matematiki dilde - elliptiki egrileriň kanonik görnüşi diýilýär) a we b koeffisiýentleriniň belli bir bahasynda (a = 0, b = 7) blokçeýn tehnologiýasynyň howpsuzlygy üpjün etmek üçin iň amatly aňlatma hökmünde alnan.

Programma düzülende blokçeýniň özeni hökmünde SHA-256 (Secure Hash Algorithm) algoritm ulanylýar. Matematiki taýdan bu şeýle aňladylýar: y = H(x);

Bu ýerde: x - islendik ululykdaky maglumat (tekst, faýl, tranzaksiýa).

H - hash funksiýasy. y - 256-bitli (64 simwol) hemişelik uzynlykdaky çykyş.

Bu deňligiň esasy häsiýeti hökmünde x bilen y-iň berk baglylykda bolmagydyr, ýagny x-iň bir bahasy üýtgese, y netijesi bütinleý üýtgeýär.

Bankara amallarynda blokçeýn tehnologiýasynyň ulanylmagy, ýeke-täk hasaba alyş nokadynyň ýoklugy sebäpli bank ulgamyň kiberhüjümlere we tehniki näsazlyklara garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýar. Olaryň kömegi bilen ofis prosesleriniň awtomatlaşdyrylmagy netijesinde daşary ýurt banklary her ýylda dünýa ýüzünde milýardlarça dollar çykdaýjylaryny tygşytlaýarlar.

Şu wagta çenli blokçeýn, esasan, kriptowalýutalar üçin ulanylan bolsada, (resmi dokumentleriň dolanşygy) indi blokçeýn, edaralara has netijeli hyzmatdaşlyk etmäge, amal töwekgelçiliklerini azaltmaga we müşderilere merkezi bank sanly walýutalaryndan (CBDC - Central Bank Digital Currency) doly awtomatlaşdyrylan maliýe gurallaryna çenli täze hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýän tehnologiýa öwrüldi. Netijede, häzirki döwürde, blokçeýn tehnologiýasy banklarda halkara geçirimleri çaltlaşdyrmaga (Ripple, Santander, Westpac), akylly şertnamalar arkaly amallary awtomatlaşdyrmaga (Quorum by JPMorgan, Voltron, Batavia), gymmatly kagyzlar amallaryny çalt hasaplamaga (Deutsche Bank), aktiwleri tökenleşdirmäge we bank müşderileriň ýeke-täk maglumat ulgamyna birikdirilmegi netijesinde (Know Your Client (KYC) - öz müşderiňi tanap işleşmek) amallarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmaga uly ýardam berýär.

Şeýlelik bilen, blokçeýn banklara halkara tölegleri çalt amala aşyrmagy (birnäçe minuta çenli), araçylary aradan aýyrmak arkaly amallaryň çykdajylaryny azaltmagy we hasap kitabynyň üýtgewsizligi sebäpli maglumatlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmagy üpjün edýär. Bu tehnologiýa akylly şertnamalar arkaly prosesleri awtomatlaşdyrmaga, geleşikleriň aýdyňlygyny ýokarlandyrmaga we müşderiniň şahsyýetini tassyklamagy ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

**Tirkeş ŞALLYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of February 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of February 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 февраля 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of February 1, 2026




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 февраля 2026 года
Authorized capital size as of 1 February 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 февраля 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 February 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.02.2025 | 01.01.2026 | 01.02.2026 | 01.02.2026<br>01.01.2026-e, %-de | 01.02.2026<br>01.02.2025-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100 ,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 510 622** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **9 021,75** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 512,33** | **7 743,11** | **7 823,09** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **15 772,01** | **15 255,59** | **14 659,01** | *96,1* | *92,9* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **90 540,48** | **98 556,69** | **100 048,06** | *101,5* | *110,5* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **39 249,86** | **38 461,00** | **39 029,82** | *101,5* | *99,4* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of February 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of February 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **24** | **4** | **1** | **4** | **3** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 февраля 2026 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of February 1, 2026

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 3 035 753,9 | 38,8 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 876 764,4 | 24,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 36,4 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 823 089,3** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

